# Gitmänkä

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gitmänkä

GITMÄNKÄ

Kalba beslediňmi, diýeniň ýagşy,
Gursak içre kerep baglap gitmänkä.
Şygyr setirleri ýüregiň nagşy,
Sanawaç kalplary daglap gitmänkä.

Höwesim goýnunda gül açan ýazyň,
Duýgulam elinde bir oýunbazyň.
Eý, Biribar, medet berewer özüň,
Setirlerim zar-zar aglap gitmänkä.

Ýüküň bolsa, basybergin sagryma,
Ýöne welin çapdyrmagyn salgyma,
Basalyk ber, bu gowgaly kalbyma,
Damarymda ganym gaýnap gitmänkä.

Messepsiz mämede süýdün ganjardýar,
Ne öz agzyn, ne il agzyn ýagjardýar.
Gymmaty bir mele gynly hanjardyr,
Ýar demi duýgulaň oýnap gitmänkä.

Elhenç, garaşmaklyk takdyr gyşyna,
Kapasa ýaraşýar göwün guşuna.
Depäňe çykarman täç et başyňa,
Gyňaç ýel ugruna galgap gitmänkä.

Tutumyňdan belli, ynamyň-dogmuň,
Edähedi aýry her syrgyn-kowmuň.
Erki öz eline berilsin ogluň,
Ata bilen bile garrap gitmänkä.

Gelmeýär hiç kimiň ömrün ýakasy,

Gelýär öňe umyt bilen bakasy.
Her zamanaň bardyr Gorkut atasy,
Diňlense ýeg boýlar boýlap gitmänkä.

Mertlik-medet.
Ýere bermez bagyrny,
Öwüt biler takdyr abyr-zabyrny.
Törüňe geçir-de, güýle sabyrňy,
Gelen döwlet synap-barlap gitmänkä.

Bu dünýäniň görki, bakdygyňça geň,
Bu dünýäniň durky, gowga bilen jeň.
Köşeşmeýär şahyr hem bolmaýar sem,     Şygyrlarmy göwne jaýlap gitmänkä.

Azymberdi KAKAÝEW.

Goşgular